# Ýalñyzlyk

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýalñyzlyk ÝALÑYZLYK



Sensiz bu baglara asla gelmerin,
Serwi boýuñ ýada salýar boý derek.
Gursagymy ýaryp, çykara gelýär,
Urunýar, aglaýar söýülen ýürek.
Sensiz bu baglara asla gelmerin,
Bägül görküñ baky gözümde galdy.
Özümden has artyk söýüpdim seni,
Aýdylmadyk sözler dilimde galdy.

Sensiz bu baglara asla gelmerin,
Ýatlamada ýaşap ýörün umytly.
Söýgi mätäç däl-ä kasama, anta,

Kinäni unudyp, gel sen, ak atly.

Sensiz bu baglaryň mähri ýok maňa,
Güller gunçalapdyr, seni gözleýär.
«Söýgi bilen güllesin ömür ýoluňyz!»,
Şeýda bilbil bagt diläp sözleýär.

Sensiz bu baglara asla gelmerin,
Besdir, bir-biregi söýüp gezeli.
Baglaryň gülünden bir galam ýasap,
Söýgä dolan syrly dessan ýazaly.

Oguljennet NAZAROWA. Goşgular